**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2019-njy ýylyň 12-nji noýabryndaky №123 buýrugy bilen tassyklanyldy**

# №4-ýaşaýyş jaý gory "Raýatlara ýaşaýyş jaýlarynyň berilişi barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça GOLLANMA

## Umumy düzgünler

1. № 4-ýaşaýyş jaý gory "Raýatlara berilen ýaşaýyş jaýlary barada hasabat" formasy boýunça ýyllyk statistik hasabatyny ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralar we Geňeşler düzýärler we hasabat ýylyndan soň ýanwaryň 20-ne ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna we özünden ýokardaky guramasyna tabşyrýarlar.

2. Hasabat şäherleriň we şäherçeleriň (şäher ýerlerinde); obalaryň (oba ýerlerinde) çäklerinde ýerleşýän ýaşaýyş jaý gory boýunça aýratyn düzülýär.

3. Maglumatlar bitin sanlarda we formada görkezilen ölçeg birliklerinde görkezilmelidir.

4. Esasy düşünjeler (Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksine laýyklykda):

Ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak babatda döwletiň goldawyna mätäç raýatlaryň topary:

1) Beýik Watançylyk urşunyň weteranlary, wepat bolan (aradan çykan) Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjynyň ýanýoldaşy, beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlary we Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken weteranlar;

2) I we II topar maýyplygy bolan adamlar, maýyplygy bolan eneler, şeýle hem özbaşdak saglygy dikeldiş maksatnamasynyň talaplaryny nazara almak bilen maýyplygy bolan çagalary terbiýeleýän maşgalalar;

3) eklenjinde çagalykdan maýyplygy bolan çagasy bolan adamlar;

4) ata-enesini ýitiren ýetim çagalar;

5) tebigy betbagtçylygyň, adatdan daşary ýagdaýlaryň netijesinde ýaşaýyş jaýyndan mahrum bolan adamlar;

6) terbiýelemeginde dört we şondan köp çagalary bolan adamlar;

7) gulluk ýa-da jemgyýetçilik borçlaryny, harby gulluk borçlaryny ýerine ýetirenlerinde, adam ömrüni halas edenlerinde, hukuk tertibini goranlarynda wepat bolan adamlaryň, şeýle hem radiasiýa betbagtçylygy netijesinde heläk bolan ýa-da ondan kesellemegi bilen aradan çykan adamyň maşgala agzasy bolan adamlar;

8) harby gullukda bolmagyň aňryçäk ýaşyna ýetmegi sebäpli, şeýle hem saglyk ýagdaýyna görä ýa-da guramaçylyk-düzüm çäreleriniň geçirilmegi sebäpli harby gullukdan boşan adamlar (eger olaryň harby gullukda bolan umumy wagty 10 ýyl we şondan köp bolsa);

9) özi bilen bile ýaşap bir ýa-da şondan köp kämillik ýaşyna ýetmedik çagany bir özi terbiýeleýän ene (ata) ;

10) ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak babatda döwletiň goldawyna mätäç raýatlaryň toparyna degişli raýatlar we olara berilýän ýeňillikler Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulyp bilner.

## 1 BÖLÜM.
## HASABAT ÝYLYNDA ORNAŞYLAN ÝAŞAÝYŞ MEÝDANLARYNYŇ MÖÇBERI

Bu bölümiň 01-nji setirde hasabat ýylynda ornaşdyrylan ýaşaýyş meýdanynyň möçberi barada maglumatlar, şolardan täze gurlan ýaşaýyş jaýlarda ornaşylan ýaşaýyş meýdanynyň müçberi aýratyn 02-nji setirde bellenilýär.

1-nji sütünde hasapda duran maşgalalara, şeýle hem hasapda durmadyk maşgalalar bilen ornaşylan ýaşaýyş meýdanynyň umumy möçberi görkezilýär, şondan häkimliklerde we kärhanalarda, edaralarda we guramalarda, ministrliklerde we pudak edaralarynda, jemgyýetçilik guramalarynda (daýhan birleşiklerden başgalary) hasapda duran maşgalalara berlen ýaşaýyş meýdany 2-nji sütünde görkezilýär.

02-nji setirden otaglaryň ýerleşdirilişi gowulandyrylan jaýlarda ornaşylan ýaşaýyş meýdanynyň möçberi görkezilýär (02.1-nji setir).

Ornaşylan meýdany diýlip, kärendä alýan adama bellenilen tertipde ornaşmaga berilen order bar bolanlara aýdylýar.

Jaýlardaky maşgalalara berlen ýaşaýyş meýdanynyň möçberi, ýaşaýjylaryň göçüp gitmegi bilen ýa-da başga sebäplere görä boşap galan, şeýle hem ýaşaýyş meýdany düýpli abatlandyryşdan soňra giňelen ýa-da ýaşaýyş däl jaýlar ýaşaýyş jaýlaryna üýtgedilen we beýleki ýagdaýlardaky ýaşaýyş jaýlarynyň täzeden maşgalalara paýlanan meýdanynyň möçberi 01-nji we 02-nji setirleriň tapawudy hökmünde kesgitlenýär.

03-09-njy setirlerde, hemme ýaşaýyş meýdanyndan hasaba alyş toparlar boýunça ornaşylan maşgalalar bilen ýaşaýyş meýdany görkezilýär, hususanda:

- Beýik Watançylyk urşunyň (BWU) weteranlary, wepat bolan (aradan çykan) BWU gatnaşyjynyň ýanýoldaşy, beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlary, BWU ýyllarynda tylda zähmet eken weteranlar, şolara deň tutulýan maşgalalar;
- I we II topar maýyplygy bolan adamlar, maýyplygy bolan eneler, şeýle hem maýyplygy bolan çagalary terbiýeleýän maşgalalar;
- Gulluk ýa-da jemgyýetçilik borçlaryny, harby gulluk borçlaryny ýerine ýetirenlerinde, adam ömrüni halas edenlerinde, hukuk tertibini goranlarynda wepat bolan adamlaryň, şeýle hem radiasiýa betbagtçylygy netijesinde heläk bolan ýa-da ondan kesellemegi bilen aradan çykan adamyň maşgala agzasy bolan adamlar;
- Terbiýelemeginde dört we şondan köp çagalary bolan adamlar;
- Harby gullukda bolmagyň aňryçäk ýaşyna ýetmegi sebäpli, şeýle hem saglyk ýagdaýyna görä ýa-da guramaçylyk-düzüm çäreleriniň geçirilmegi sebäpli harby gullukdan boşan adamlar (eger olaryň harby gullukda bolan umumy wagty 10 ýyl we şondan köp bolsa);
- Ýaş çatynjalar;
- Özi bilen bile ýaşap bir ýa-da şondan köp kämillik ýaşyna ýetmedik çagany bir özi terbiýeleýän ene (ata).

10-njy setirde ilatyň beýleki toparlaryň (ýokarda agzalanmadyk) maşgalalary bilen ornaşan meýdany görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## HASABAT ÝYLYNDA ÝAŞAÝYŞ JAÝY ALAN WE ÖZ ÝAŞAÝYŞ ŞERTLERINI GOWULANDYRAN MAŞGALALARYŇ SANY

11-nji setirde ýaşaýyş jaýyny alan, şeýle hem käbir raýatlaryň öz ýaşaýan jaýlaryndan çykarylmagynyň hasabyna öz ýaşaýyş şertlerini gowulandyran maşgalalaryň sany hakyndaky maglumatlar görkezilýär.

12-19-njy setirlerde hasaba alnan maşgalalar görkezilýär (1-nji bölüminiň 03-10-njy setirlerdäki toparlar ýaly).

20-nji setirde ýaşaýyş jaý almak üçin hasapda duranlygyna ýa-da durmanlygyna garamazdan, ýaşaýyş jaýyny alan ýa-da ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyran maşgalalaryň agzalarynyň sany hakyndaky maglumatlar getirilýär. Maşgala agzalarynyň sany hakyndaky maglumatlar orderdäki ýazgylara laýyklykda görkezilýär.

21-28-nji setirlerde hasaba alyş toparlar boýunça maşgalalaryň agzalarynyň sany (1-nji bölüminiň 03-10-njy setirlerdäki toparlar ýaly) görkezilýär.

2-nji sütünde hasapda duran maşgalalaryň sany görkezilýär.

## 3 BÖLÜM.
## ÝAŞAÝYŞ JAÝYNY ALMAK ÜÇIN HASAPDA DURAN MAŞGALALARYŇ SANY

29-njy setirde ýylyň dowamynda hasaba alnan maşgalalaryň sany boýunça maglumatlar görkezilýär.

30-nji setirde jaý almak üçin hasapda duran maşgalalaryň ýylyň ahyryna galanlarynyň sany görkezilýär.

31-38-nji setirlerde ýylyň ahyrynda hasapda duran hasaba alyş toparlar boýunça maşgalalaryň agzalarynyň sany (1-nji bölüminiň 03-10-njy setirlerdäki toparlar ýaly) görkezilýär.

3-nji bölümiň 1-nji sütüniniň maglumatlary häkimlikler bilen tassyklanan häkimlikleriň, kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň, ministrlikleriň we pudak edaralaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň häkimlikler tarapyndan tassyklanan sanawy boýunça doldurylýar. 2-nji sütünde häkimlikleriň hasabynda duran maşgalalaryň sany barada maglumat görkezilýär.

Hasap sanawynda duran ýeke ýaşaýanlar hasabatda maşgala hökmünde görkezilýär (bir adam-bir maşgala).

Eger-de raýat häkimliginiň hasabynda duran bolsa, şol bir wagtda onuň maşgala agzalary-da işleýän ýerleri boýunça hasapda duran bolsa, onda ol öz maşgalasy bilen diňe häkimlikdäki nobaty boýunça bir gezek hasaba alynmalydyr. Şunda onuň häkimlik ýa-da kärhana tarapyndan jaý bilen üpjün edilendigi-de hasaba alynmaýar. Eger-de kärhanada jaý almak üçin nobata duran adam şol bir wagtda häkimlikde-de hasapda duran bolsa, ýöne ýaşaýyş jaýy bilen iş ýerinden üpjün edilen bolsa, onda ol kärhanada nobata duran hökmünde däl-de, häkimlikde nobata duran hökmünde hasaplanýar.

Ýylyň ahyryna ulanmaga berlen we öň salnan jaýlaryň soňra boşan, ýöne hasabat ýylynda paýlanmadyk ýaşaýyş jaýlary goşmaça maglumat hökmünde hem görkezilýär. Paýlananlygy hakynda häkimligiň karary bolmadyk ýaşaýyş jaýlary paýlanmadyk jaýlar diýlip hasap edilýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**